# Mary agşamy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Mary agşamy MARY AGŞAMY

Aýyň nury süýt deý döküldi ýere,
Täsin aklyk gurşap aldy çar ýany.
Zyban lal deý, söz tapmady diýere,
Kalba doldy gijäň möwçli heýjany.

Nurana gijäniň çog ýyldyzlary
Uçgun deý syçrady gögüň etegne.
Sergin güýz agşamy gadymy Mary,
Ýyldyzly asmany atypdyr egne.

Täsin-täsin oýlar agtaryp bir ýol,
Kökün urar kalbymyň jümmüşinde.
Haýýamyň syn eden ýyldyzlary ol,
Baky parlap duran gögüň ýüzünde.

Gurban GURBANOW. Goşgular